# Biz parahatlyk isleýäris

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Biz parahatlyk isleýäris BIZ PARAHATLYK ISLEÝÄRIS

Ýaňy dälmi bütin dünýä goh berip,
Faşistleriň uruş odyn ýakany?!
Ýaňy dälmi parahatlyk ugrynda
Derýa bolup gyzyl ganyň akany!
Ýaňy dälmi garry enäniň gara göz
Eziz oglyn ugradany uruşa.
Ýaňy dälmi ýaş geliniň söýgilsin
Ýitirip, göziniň dolany ýaşa.
Ýaňy dälmi şinelini çykaryp,
Soldatyň öýine gaýdyp geleni;
Ýaňy dälmi halkyň gaýdan gutulyp,
Azat zähmetinde demin alany!

Ynha ýene trumenler, çerçiller
Ýer ýüzine ýaragyny bulaýlap,
Jan howlyna uruş odyn ölçerýär,
Ganly hanjarlarnyň ganyny ýalap.
Biz dynçlyk söýýäris, biz urşa garşy.
Biz azat zähmetiň tarapdarlary.
Uruş bolmaz, islese-de yrsarap,
Dünýäniň gan içen maýadarlary.
Uruşdan üstün çykar adamzat erki,
Dollar, atom çözmez adam ykbalyn.
Parahatlyk üçin goýdy her ýerde
Jarnama astynda millionlar golyn.
Ol gollar güýçlidir topdan, tüpeňden
Olarda ýeňilmez ynsan güýji bar.
Dünýä gözelligin döreden ynsan
Ýykdyrmaz hiç ony, beladan gorar.

Aman KEKILOW.

# «Ýaşasyn parahatlyk» / Türkmendöwletneşir, 1951 ý. Goşgular